# Meniň iň gowy dostum / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Meniň iň gowy dostum / hekaýa MENIŇ IŇ GOWY DOSTUM




Meniň iň gowy dostum gije meniň gapyma buşukdy. Men, liftsiz jaýda, dördünji gatda, kireýine alnan öýde ýaşaýan. Käte bu işi köpekler, öz çäklerini belläp, beýleki erkek itleri getirmezlik üçin edýärler. Ýöne ol – it däl, ol – meniň iň gowy dostum. Hem-de, ondan başga-da, bu onuň mülki däldi, bu meniň öýümiň işigidi.
Mundan birnäçe minut öň meniň iň gowy dostum awtobusa garaşýardy. Ol näme etjegini bilmeýärdi. Ýöne, az-mazdan onuň peşewhaltasy ondan üstün çykmaga başlady. Ol garşylyk görkezmäge synanýardy, awtobusyň sähel salymdan geljekdigini özüne ýatladýardy, şeýdibem on minutdan gowrak çydapdy. Birdenem, meniň – özüniň iň gowy dostunyň – duralgadan birnäçe ýüz metrlikde, Zamengof köçesi 14-de, liftsiz jaýyň dördünji gatynda, kireýine alnan öýde ýaşaýandygym onuň ýadyna düşüpdir. Ol duralgadan gaýdyp, meniň öýüme ýönelipdir. Özem gadam urubam däl-de, ýarym ylgap. Soň bolsa başbitin ylgamaga başlapdyr. Her ädimsaýam, oňa saklanmak barha kynlaşypdyr, ol eýýäm haýsam bolsa bir howla sowlup, diwara, agaja ýa-da gaz ballonyna buşugmagyň kül-külüne düşüpdir. Haçan-da onuň kellesine bu pikir gelende, ol meniň öýümden takmynan elli metre-de ýeter-ýetmez ekeni, şonuň üçinem bu pikiri oňa birneme haýwany hem-de lellimligiň örän-örän uly aňlatmasy bolup görnüpdir. Meniň iň gowy dostum barada köp erbet zatlary aýtmak bolar, ýöne ol – lellim däl. Şol sebäpli-de ol, özüniň peşewhaltasy meşik ýaly çişip, sähelçe salymdan ýaryljak-

ýaryljak derejesindeligine garamazdan, ýene elli metri süýrenip geçipdir, soňra ýene-de dört gat ýokarylygyna galypdyr.
Ahyrsoňy ol meniň öýüme ýetenden soň, gapymy kakypdyr. Soň jaňyny basypdyr. Ýene-de kakypdyr. Batly. Men öýde ýok ekenim. Hut şol pursat, men, onuň iň gowy dosty, oňa şeýle gerek müddetim, men haýsy-da bolsa bir paba (piwohana) gidip, duruşhanaň öňünde rahatja oturmagy we her bir ýanyma gelen joramy öýüme meniň bilen ýatyp-turmak üçin yrmagy saýlap alypdyryn. Meniň iň gowy dostum, halys ruhdan düşüp, meniň gapymyň öňünde dur, ol maňa köre-kör umyt baglaýardy, emma ine şu pille eýýäm giçdi. Ol indi şol dört gaty aşaklygyna geçip biljek däldi. Onuň soňra başaran birje zady, diňe mäjerlenen kagyzjykda: “Bagyşla!” diýen ýazgyny galdyrmak boldy.
Şol gije meniň bilen öýüme gitmäge razy bolan joram, işigimiň öňündäki kölçäni görüp, muňa ökünmek ökündi. “Birinjiden,” – diýdi ol: – “bu ýürekbulanjy. Men muňa aýagymy basmaryn. Ikinjiden, hatda sen bu zady süpürseňem, seniň öýüň eýýäm bu ysa eýlendi. Üçünjidenem,” – diýip ol, sypaýy äheňi taşlap, üstüne goşdy: – “Eger-de seniň iň gowy dostuň, seniň gapyňa buşugýan bolsa, bu öz-ä näme-de bolsa bir zat barada habar berýän bolmaly”. Soňam, kelteje säginmeden soň ol ýene-de goşdy: “Sen barada”. Ýene-de biraz dymybam diýdi: – “Özem beýlebir gowy zad-a däl”. Soňam gitdi. “Bu,” – diýdi ol, maňa: – “köpekler şeýdip öz çäklerini çelgileýärler”. Ol muny diýýärkä, “köpekler” diýen sözden soň gysgajyk säginmäni emele getirdi-de, maňa meniň iň gowy dostum bilen köpegiň arasyndan köp umumy zadyň bardygyny habar berýän köpmanyly garaýyş bilen bakdy. Maňa köpmanyly bakybam ol gitdi. Men eýwandan letdedir suwly bedre getirdim, kölçäni ýuwup-süpürip durkamam, burnuma siňdirip söweş aýdymyna hiňlenýärdim. Men ol gyza şarpyk çalman saklanyp bilendigim üçin özüme iňňän buýsanýardym.
© Etgar Keret Hekaýalar